# Eşitdim-eşitmediň diýmäň! / ýumoreska

Category: Hekaýalar,Kitapcy,Satiriki hekaýalar
написано kitapcy | 24 января, 2025
Eşitdim-eşitmediň diýmäň! / ýumoreska EŞITMEDIM-EŞITMEDIM DIÝMÄŇ!

– Niredir bi?
– Ýaşaýyş jaý ulanyş uçastogy.
– Maňa öý uprawleniýesi gerekdi.
– Şol-da şü. Ýöne täzelikde ady üýtgedi.
– Hernä iş bitirişem üýtgän bolaýbilsedir.
– Aýdyberiň ýumşuňyzy?
– Aýtsam daýza, sanuzeliň suw gelýän ýerindäki rezin turba bar-a… Ýogynlygy injik ýaly, uzynlygam bir sere…
– Hawa, hawa…
– Ana, şol deşilipdir, suw damyp, öýi yzgarlanyp dur. Şony çalşyryp beräýmesiňiz-ä boljak däl.
– Wah, çalşyrmasy hiç-le welin, ýöne şoň ýaly turba bizde ýok-da. Hojalyk magazinini görüň. Şonda satlygy bolmagy mümkin. Eger tapaýsaňyz habar ediň, slesar iberer-de, derrew oturdaýarys.
– Magazinde-de ýok-da, krandyr sanuzeliň zapas şaýlary gelenok diýýäler. Ýogsam, on dagy baryp gaýtdym-la men.
– Be, nätsekkäk onda?! Oba magazinlerinde bolaýmagy ähtimal. Bagyra, Köşä dagy bir aýlanyp görüň. Belki…
– Golaý-goltumda magazin bolsa görüp çykdym. haýsyna barsaň «bizde ýok» bolup dur.
– Şeýlemi?.. Nätmeli borka onda?
– Onçasyny özüňiz bilmeli. jaý pulun-a alýaňyz, bejermegem siziň borjuňyz.
– Borjumyz-la welin, bizde şoň ýaly rezin turba ýok-da. Siz meň bilen ýaňka-ýaňka edişip durman, täze jaý gurýanlaň ýanyna giden bolsaňyz bireýýäm tapardyňyz şol turbany.
– Siz ogurlyk etmäni maslahat berýäňiz-dä onda?

– Il-ä gidip getirip dur, zerur bolsa dagy nätjek. Her ediň, hesip ediň, şol turbany tapyň. Eger biagyrylyk edip, jaýa zeper ýetiräýseňiz, jerime tölederis. Soň eşitdim-eşitmedim diýmäň!

Rahman ÖWEZOW.

«Edebiýat we sungat» gazeti, 28.01.1983 ý. Satiriki hekaýalar